# Bikararlyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bikararlyk BIKARARLYK




Soñky döwür iki jahan awara
Soñky döwür jinnek ýaly keýpim ýok.
Gelip başaramok belli karara,
Ähli zatdan many tapyp bolanok.
Adamlaryñ arasyndan barýaryn,
Olar maña, men olara nätanyş.
Geñ galyplar seredýärin her ýanym,
Tapylmazmy bir ýürekdeş ýa tanyş.

Ýesir getirilen ýaly ýörüşim,
Bu ýerlerde hut özi men öweýiñ.
Entek ýitirmänkäm doly görüşim,
Bu dünýäni doýup-doýup göreýin.

Bu ýerde gyrylyp gutardy ganat,
Kapasdaky bürgüt uçup bilmeýär.
Otursagam munda tapyp kanagat
Bu günleriñ hiç ahyry gelmeýär.

Soñky döwür dymmak boldy endigim,
Soñky döwür diñe gözlem sözleýär.
Munda her kim yalan bilen emdirip,
Sendenem ýaranjañ sözlem gözleýär.

Men ozalam yalan sözi kän ýazdym,
Meddah bolup, bolgusyzlañ şanyna.
Yeñil şöhrat bilen alñasap gezdim,
Kän sapar kast etdim öz imanyma.

Indi doýup bu zatlardan gerk-gäbe,
Terk eýläsim gelýär baryny birden.
Biljek bolýan guşlardaky erk näme,
Şoñ üçinem göteriljek bu ýerden.

Sylapberdi MUHAMOW Goşgular